# «Owganystan parça-parça…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
«Owganystan parça-parça…» «OWGANYSTAN PARÇA-PARÇA…»




Ýigriminji asyr
Sen niçik zabun?!
Ýigriminji asyr,
Men saňa tabyn!
Iki jahan urşun aparan asyr,
Sosializmiň daňyn ataran asyr!

… Owgan jeňi hakda sözlejek sözüm,
Eşitmiş däl, gördi owgany gözüm.

Ol urşuň soňy ýok, dowamat-dowam,
Dowam ol haraba şäher, gyşlakda.
Dowam ol ýaz, tomus, güýzdür gyşlyk-da…

* * *

Tow düşende arasyna doganyň
Görüpdik biz birisiniň
Beýlekisin boganyn.
Şeýtan gelip haçan ara salanda
Kyýamat gopar ýurduňda.
Ojagyň ýykylyp, tünegiň çagşar,
Degirmende üwelmän

Galar halta bugdaýyň.
Baýguş sorar ýagdaýyň.

* * *

Ýigriminji asyr
Saldyň ne güne!
Neçün getirdiň
Şumluk owgana?

Ýere bugdaý sepen owgan,
Maňlaý derin döken owgan,
Bu günki gün çöken owgan.

Ar-namysa galan owgan,
Gelmişekden ýanan owgan.
Ýamanlardan «ýaman» owgan.
Diledim men aman owgan.
Bu-da geçer, zaman, owgan.
Topragynda bugdaý däl-de,
Indi ajal ekýär owgan.
Janyna kast edenleriň
Gara ganyn dökýär owgan.

* * *

Eýsem kime belli däl,
Owgan ajaly.
Äkitdi niçeme-niçeme jany.
Ol ajal paýlaýar jümle-jahana,
Köpdür muňa bahana:
Duşman güllesinde öldi atasy,
Alynypdy üç günden soň
Enesiniň patasy.
Nämedi oň hatasy?!
Gara tüneginde ýatyrka bir gün
Apardylar göz öňünde çagasyn.
Soňam agasyn.
(Näme bilen deňärsiň,

Zaryn ýürek agysyn.
Bu niçik, niçik melamat?!)

* * *

Owgan indi
Gahar-gazaba mündi.
Ölenini,
Galanyny bilenok.
Guduza dönen owgan
Biline gelip gaýrat
Otuza dönen owgan.

Pili bilen oragyny
Owarra taşlan owgan.
Ýanýoldaş ýaragyny
Asmaz agaçdan owgan.

Taryh gören däldir beýle gowgany,
Keýp etdiler oda atyp owgany.

* * *

Niçe asyr eteginde Kabulyň
Seždegähi ýatyr beýik Baburyň.
Men oňa ir döwür tagzym kylypdym,
Owganyň kimligin şonda bilipdim.

Jelaleddin Rumy,
Abdyrahman Jamy,
Alyşir Nowaýy,
Ýüzläp-ýüzläp gerçek, piriň.
Dogulan ýeri…

* * *

Aýdany ýadymda goja kişiniň
Diýdi gamgyn baka-baka,
Diýdi gözýaş döke-döke:
– Owganystan parça-parça,

Owganystan tike-tike…

Bagry girýan owgan atam,
Düşündim zaryňa seniň.
Ýüregiňi deňeýärin
Dagdaky garyňa seniň.
Jennet kysmy baglaryň bar,
Durşy altyn daglaryň bar.
Ömür halal ojagyňda
Sönmejek köz – çoglaryň bar.
Gam çekme sen –
Ol gün geler!

* * *

Bir gardaşyň atan oky
Gardaşyň deşýär bagryny.
Seňseledýär, ýer sermeýär
Gülle gapyp garagyny.
Tümlük.
Hiç zat görmeýär.

Gaýtalanýar by ahwalat,
Her gün, her sagat.
Edil şu setiri ýazyp otyrkam,
Gyzyl gana boýalany
Görýärin magat!
Gyzyl gana boýalan
Ak gaýalaň
Owganystan!
Daglaryň reňki gyzyl,
Baglaryň reňki gyzyl,
Toprak gyzyl,
Ýaşyl sähralar gyzyl.
Owganystan ot içinde.
Bu nä alamat,
Bu nä kyýamat?!..

09.01.2014. Goşgular